# «Didarlaşmak»

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 22 января, 2025
"Didarlaşmak" Söz aslyna ýet ýagşy

▶ «DIDARLAŞMAK» / Şahsy pikir

Golaý günlerde girelge tarapy diýseň medeniýetli görnüşe getirilen bir piwohananyň işiginden ätläp, içerik göz aýladym welin, kakadylan balygy soýup, ikinjimi, ýa üçünjimi, gezek doldurylýan kürüşgeleriniň üstünde yranyşyp şagal mesligi edip oturan üç ülpede gözüm düşäýmezmi.
— Didarlaşyp duralyň! Didarlaşyp! — diýip, meýhorlaryň biri gadyr açyp gürleýärdi. — Hanha, Betdi janam ölüp gitdi. Indi onuň bilen didarlaşaýyn diýseňem, didarlaşyp bilmeýäň! Meň diýenim dogry gerek?
Ülpetler sämän başlaryny atyşyp «häde-hä» boluşdylar. Men bularyň «didar» diýip at berýän mysalalaryna syn etdim. Ýüregim bulandy. Biriniň ýüzi keselli goýnuň öýkeni ýaly, pakga-pakga gök ýeljikdi. Ikinjisiniň alkymyna, duluklaryna goňras düwürler örüp, bagrynyň çüýräp başlandygyny aňladýardy. Üçünjisiniň burny asyl durkuny ýitirip, ezik pomidory ýatladýar. Bäh, gör, neneňsi ýüz bilen «didarlaşýardy» bular!
Soňky döwürde dil bilmezleriň dilinde «didarlaşmak» sözi ýoň bolupdyr. Öňi bilen beýle sözüň türkmen dilinde düýbünden ýokdugyny aýtmak gerek! Magadanda ýa Workutada on ýyldanam köp katorgada jebir çekýän garabagt bendäniň yzynda galan ýakynlarynyň, dogan-garyndaşlarynyň didaryny görmek arzuwy tebigy zat. Sandyga salnyp derýa taşlanan Tahyryň Zöhre janynyň didaryny görmek islegi hem düşnükli. «Heý, bir jana-janlaryň didaryny gaýdyp görmek barmyka!» diýip ölümiň öýünde aýdylýar. Munda paltasy daşa degen namut kişiniň ýürek hasraty bar. Ýönekeý halatlarda görüşilýär, duşuşylýar, sataşylýar. «Didar» iňňän belent derejedäki söz. Mysal üçin, sufylar Allanyň didaryny görmegiň arzuwynda.
Diliň öz kada-kanuny bar, kabul edýän, etmeýän zatlary bolýar.

Käbir sözlerden şäriklik derejesi ýasalmaýar. Sabyr, gadyr, takat, bagyr, bäbenek, gulak, boýun, böwür, uýluk, oňurga… ýaly sözler bar bolsa-da, sabyrlaşmak, gadyrlaşmak, takatlaşmak, bagyrlaşmak, bäbenekleşmek, gulaklaşmak, boýunlaşmak, böwürleşmek, uýluklaşmak, oňurgalaşmak ýaly sözler bizde ýokdur. Ýürege düşgüç derejede gaýtalanýan «didarlaşma-da» emelsizlik bilen ýasalan sözdür.
Magtymguly: «Ol didardyr, iýmediler doýdular». Geliň belent ~ sözi şorja balyk ýaly edip soýmalyň.

Sapargeldi ANNASÄHET Iner ogly.

«Edebiýat we Sungat» gazeti, 07.04.2000 ý. Jemgyýetçilik tankydy